# OFERTA ŞERTNAMASY

**Aşgabat ş.** **01.07.2025ý.**

Ýörite belligiň goýulmagy (“Men Oferta şertnamanyň şertleri bilen ylalaşýaryn” setirde bellik goýulmagy) ofertanyň (akseptiň) gürrüňsiz kabul edilmegini aňladýar we şu ofertada beýan edilen şertlerde ýazmaça görnüşde Şertnamanyň baglaşylan ýaly deň hukukly bolup durýar.

## 1. Adalgalar we kesgitlenmeler

1.0. **«Internet Platforma»** – Web-saýtda we Mobil Goşundyda elýeter bolan hem-de Myhmanhanalar we olaryň hyzmatlary barada maglumatlary gözlemek üçin, şeýle hem Myhmanhanalarda bronlamak we brone tölemek üçin niýetlenilen.

1.1 **«Web-saýt» we Mobil Goşundysy** – **Internet Platformanyň** web-saýty şu salgyny öz içine alýar: **“oteller.com.tm”,** şeýle hem “**Oteller**” ady bilen PlayMarket we AppStore hasaba alnan.

1.2. **«Myhmanhana» -** Internet Platformanyň Web-saýty we Mobil Goşundysy arkaly Bron etmek boýunça hyznatlary barada Şertnamany baglaşan ýerleşdirilme obýekti (pansionat, myhmanhana, sagaldyş edarasy (sanatoriý), dynç alyş öýleri we beýlekiler).

1.3. **«Ulanyjy» -** şu Ofertanyň 5.1 bendi bilen ellenilen tertipde şu Ofertany aksept etmek arkaly bronlamak boýunça hyzmatlaryň ýerine ýetirilmegine şertnamany Internet Platformasy bilen baglaşan, 16 ýaşdan uly bolan hem-de Internet Platformada hasaba alnan islendik fiziki şahsy.

1.4. **«Hasaba almak» -** Bron etmek soraglary boýunça operatiw aragatnaşygy üçin Ulanyjynyň şahsy we habarlaşmak üçin maglumatlaryny Internet Platforma berilmegi.

1.5. **«Bron etmek» -** Bron etmek Tertiplerine laýyklykda Internet Platformada Ulanyjy tarapyndan amala aşyrylýan bir näçe hereketleriniň netijesinde Myhmanhanada otaglary bronlamakGoşundy №1).

1.6 **Bron etmekligi tassyklamak (**mundan beýläk **Bronlama resminama)** – Ulanyjy bron edilende Internet Platformada görkezilen elektron salgysyna iberýän ýa-da Ulanyjynyň şahsy otagynda elýeter bolan elektron tassyknamasy. Bu Bron etmek barada resminamada myhmanhana tarapyndan edilýän hyzmatlar hakynda maglumatlar ýerleşdirilen, ýagny: Internet Platformanyň (firma) ady, myhmanhananyň ýerleşýän ýeri (salgysy), Bron edilmeginiň senesi, myhmanhana takmynany girmek we çykmak seneleri, Bron etmek hyzmatynyň, şol sanda Bron edilemgi üçin Internet Platforma tarapyndan saklanylyp alynýan serwis hyzmatlarynyň bahasy, otagyň derejesi, Bron etmekligiň şertleri we Internet Platforma we Myhmanhana tarapyndan bellenilen beýleki maglumatlary bar. **Bron etmek barada resminama** – myhmanhana hyznatlaryny etmek barada şertnamanyň baglaşylandygyny, şeýle hem Ulanyjyny/myhmanyň Bron edilmeginde saýlanylyp alnan, resmileşdirilen we tölenilen myhmanhana hyzmatlaryny almaga hukugyny tassyklaýan elektron resminamasy bolup durýar.

## 2. Umumy düzgünleri

2.1. Şu Oferta Web-saýtda we Mobil Goşundyda çap edilýär hem-de Internet Platformanyň resmi teklibi bolup, fizizki şahslary üçin Myhmanhanalarda otaglary bronlamak we hyzmatlary etmek boýunça şertnamany baglaşmaga mümkinçilik berýär. Şu resminama köpçülikleýin Oferta bolup durýar. Şu Oferta ýuridiki şahslar üçin ulanyp bolmaýar. Ýuridiki şahslary bilen şertnamany baglaşmak üçin goşmaça ýazmaça razyçylygy gerekdir.

2.2. Ofertada Internet Platformanyň hyzmatlary diýlip, Myhmanhanalarda otaglary Internet arkaly bronlamak we beýleki hyzmatlary etmek diýlip düşünilýär.

2.3. Bronlamak boýunça hyzmatlary etmek barada Şertnama, taraplar bilen gol çekilmesiz, Şertnamanyň wajyp şertlerini öz içine alýan şu Ofertanyň aksept edilmegi arkaly baglaşylýar. Oferta aksept edilen pursatyndan başap, ýangy şu Ofertanyň 5.1 bendi bilen göz öňünde tutulan hereketleri Ulanyjy tarapyndan amala aşyrylyp we Ofertanyň hiç bir çäklendirilmesiz ýa-da aýrylmasyz şertlerine Ulanyjy gürrüňsiz razylaşýandygyny aňladyp, Şertnama baglaşylan diýlip hasaplanylýar we hukuk güýjine girýär.

## 3. Şertnamanyň mazmuny

3.1. Şu Ofertanyň mazmuny, şu Ofertanyň şertlerinde Myhmanhananyň hyzmatlaryny Ulanyja bron etmek we ýerlemek bolup durýar.

3.2. Bron etmek şu Şertnamanyň aýrylmaz bölegi bolup duran Bron etmek Tertibinde görkezilen tertipde amala aşyrylýar we ol Internet Platformanyň goşundysy bolan Web-saýtda hem-de Mobil Goşundyda beýan edilendir.

3.3. Ulanyjy edilýän hyzmatlary kabul etmäge we şu Ofertanyň şertlerine laýyklykda zerury bolan tölegleri amala aşyrmaga borçlanýar.

## 4. Internet Platformanyň we Ulanyjynyň hukuklary we borçlary

### 4.1. Ulanyjynyň hukuklary

4.1.1. Internet PlatformanyňWeb-saýtynda we Mobil Goşundyda hem-de görkezilen beýleki usullary arkaly Myhmanhananyň gözlegini we Bron etmek hyzmatlarynyň tölegini amala aşyrmaga. Bu ýagdaýda Ulanyjy Internet Platformany peýdalanan halatynda, Bron etmekligiň tölegi nähili usulda amala aşyrylanda garamazdan şu Ofertanyň şertlerini doly derejede kabul edýändigini ykrar edýär.

4.1.2. Şu Ofertanyň 7-nji bendinde beýan edilen şertlerinde Bron etmekligi ýatyrmak.

### 4.2. Internet Platformanyň hukuklary

4.2.1. Web-saýtda we Mobil Goşundyda hem-de şu Ofertada beýan edilen Bron etmek Tertibini Ulanyjydan berjaý etmekligini talap etmek. Internet Platforma Ulanyjy tarapyndan şu Tertibiň şertlerini degerli we doly ýagdaýda berjaý edilen halatynda Şertnamanyň ýerine ýetirilmegine jogapkärçilik çekýär.

4.2.2. Ofertanyň şertleri bilen doly ylalaşylmagyny Ulanyjydan talap etmäge. Oferta şertleri bilen ylalaşmadyk halatynda Ulanyja hyzmatlary ýerine ýetirilmezlik.

4.2.3. Bron etmek hyzmatlaryň edilmegi üçin serwis töleginiň tölenilmegini Ulanyjydan talap etmäge. Bron etmek tertibinde bellenilen möhletde (nagt görnüşde tölenilende) Ulanyjydan töleg alynmadyk halatynda, onuň Bronuny ýatyrmaga.

4.2.4. Döwlet çäreleri, abatlaýyş işleri, fors-mažor ýagdaýlary ýa-da islendik beýleki ýagdaýlary ýüze çykanda, öz garamagy boýunça Ulanyjy tarapyndan edilen Brony ýatyrmaga. Bu ýagdaýda Ulanyjy Internet Platformanyň hereketlerini doly hukukly diýip ykrar edýär we oňa nägilelikleri bildirmeýär.

4.2.5. Şu Şertnamanyň maksatlary üçin bronlamak hyzmatlaryny ýerine ýetirmek üçin üçünji şahslary çekmäge.

4.2.6. Eger-de Ulanyjy Internet Platforma nädogry maglumatlary ýa-da takyk bolmadyk habarlaşmak üçin maglumatlary, şeýle hem Ulanyjy tarapyndan ýalan we/ýa-da bikanun ulanylýan bank kartynyň maglumatlaryny beren halatynda, ol bilen Şertnamanyň bir taraplaýyn kazyýetsiz ýagdaýda ýatyrmaga hukuklydyr.

4.2.7. Aýratyn ýagdaýlarda Myhmanhanada öň bron edilip tassyklanylan otagyny, goşmaça tölegleri almasyz, şol derejeli ýa-da ondan ýokary derejeli otaglarda ýerleşdirmek bilen çalyşmaga.

4.2.8. Islendik wagtda zerurçylyk ýüze çykan halatynda Internet Platformany işletmäge we öçürmäge (tehniki ýa-da ulgamy täzelemek işleri geçirilen halatynda).

**4.3. Ulanyjynyň borçlary**

4.3.1. Şu Oferta we Bron etmek tertibi bilen öňünden tanyşman Bron etmekligi resmileşdirmäge başlamazlyk. Eger-de Ulanyjy Bron etmekligiň resmileşdirilmegine başlan bolsa, onda Internet Platforma Ulanyjy Ofertanyň we Bron etmek tertibiniň şertleri bilen doly tanyşdy we olar bilen ylalaşýar diýip hasap edýär.

4.3.2. Internet Platformanyň saýtynda Myhmanhanalar, olaryň hyzmatlary, şol sanda nyrhlary bilen özbaşdak tanyşmaga.

4.3.3.1 Ulanyjy, Internet Platformanyň serwis ýygymlarynyň tölegini amala aşyrýar. Myhmanhanada ýaşamak üçin tölegler, ýygymlar we beýleki tölegler gönümel Myhmanhana gelnen ýagdaýynda tölenilýär.

4.3.3.2 Ulanyjy bilen habarlaşmak üçin Internet Platforma zerury bolan takyk maglumatlary hasaba alnanda görkezmäge (FAAa, telefon belgisi, ýaşaýan ýeri (welaýaty), öý salgysy, e-mail, doglan senesi).

4.3.4. Bron etmekligi resmileşdirmek üçin Myhmanhana gelmeli şahslar barada takyk bolan zerur maglumatlary bermäge we olaryň dogrulylygyny barlamaga.

4.3.5. Web-sabtda we Mobil goşundysynda teklip edilen islendik töleg usuly arkaly, Bron etmek tertibinde Internet Platforma tarapyndan bellenilen möhletlerde we şertlerde, Bron etmek hyzmatlarynyň edilmegi üçin serwis tölegini tölemek. Bron etmek üçin Ulanyjy serwis ýygymy Internet arkaly bank kartyny ulanmak arkaly tölän halatynda, Ulanyjy diňe özüne degişli bolan bank kartyny ulanmalydyr. Eger-de Ulanyjy bilen habarlaşmak mümkinçiligi ýok bolsa ýa-da sorag çözülmän galan bolsa, onda Internet Platforma Bron etmekligi ýatyrmaga we

Internet Platformanyň hasap ýazgysyna ilkibaşda girizilen bank kartynyň eýesine pul serişdelerini yzyna gaýtaryp berýär.

4.3.6. Bron etmeklik ýatyrylan halatynda Bron etmek tertiplerinde bellenilen tertipde bu barada Internet Platforma gaýrygoýulmasyz habar bermäge (Internet Platforma arkaly Brony ýatyrmaga). Bu ýagdaýda Ulanyjy tarapyndan Internet Platformada tölenilen serwis ýygymynyň möçberi yzyna gaýtarylyp berilmeýär.

4.3.7. Eger-de şu Şertnama bilen başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa we kanunçylygyň borçnamalarynyň ýa-da talaplarynyň mazmunyndan gelip çykmaýan bolsa, Ulanyjynyň şu baglanylan Şertnamasynyň şertnamalaýyn hukuklary we borçlary görkezilen degişli şahslaryna hem degişli bolup durýar.

### 4.4. Internet Platformanyň borçlary

4.4.1. Web-saýtynda we Mobil goşundysynda Myhmanhanalar we olaryň edýän hyzmatlary barada gerekli maglumatlary, şeýle hem Bron etmekligi resmileşdirmek we tölemek üçin gözükdirmeleri Ulanyja bermek.

4.4.2. Bron etmek hyzmatlar degerli görnüşde edilenden soňra Ulanyjydan (şol sanda üçünji şahslardan) Bron edilendigi üçin tölegi kabul edip almak.

4.4.3. Bron edilmegi ýatyrylanda Bron etmekligiň derejesini (statusyny) üýtgetmek arkaly hyzmatlaryň ýatyrylandygyny tassyklamak.

## 5. Ofertanyň aksepty we Şertnamany baglaşmak

5.1. Ulanyjy Internet Platformada (Web-saýtda we Mobil goşundysynda) aşakdaky hereketleri etmek arkaly Ofertanyň akseptini amala aşyrýar:

- Bron etmek we Internet Platformanyň serwis ýygymyny tölemek;
- Bron etmeklig ýatyrmak.

5.2. Ulanyjy tarapyndan Internet Platformada görkezilen hereketleri ýerine ýetirilenden soňra, şu Ofertanyň şertlerindäki Şertnama baglaşylan diýlip hasaplanylýar.

## 6. Tölegleri amala aşyrmaklygyň tertibi

6.1. Internet Platformanyň serwis ýygymy, saýlanylyp alnan hyzmatlaryň toplumyna baglylykda Bron edilmegi resmileşdirilende Web-saýtda we Mobil goşundysynda görkezilýär.

6.2. Ulanyja hyzmatlaryň ýerlenilmegi Myhmanhana tarapyndan berlen nyrhlar boýunça amala aşyrylýar (serwis ýygymyndan başga).

6.3. Saýtdaky nyrhlar Myhmanhana tarapyndan üýtgedilip bilner we olar Web-saýtda we Mobil goşundyda çap edilen pursatyndan başlap güýje girýärler.

6.4. Dahyllylar bilen şertnama boýunça hemme hasaplaşyklar türkmen manatda amala aşyrylýar. Dahylsyzlar bilen hemme hasaplaşyklar ABŞ dollarynda amala aşyrylýar.

6.5. Bron etmek üçin serwis ýygymynyň tölenilmegi, Bron etmek tertiplerine laýyklykda, 100 (bir ýüz) göterim şertinde öňünden töleg görnüşde tölenilýär.

## 7. Brony ýatyrmak, üýtgetmek we Ulanyja

**pul serişdelerini (serwis ýygymyny) yzyna gaýtaryp bermek**

7.1. Töleg edilmezden öň Ulanyjy Bron etmek tertibinde bellenilen tertipde, islendik wagtda Bron etmekligi ýatyryp ýa-da Bronlamaklygyň görkezijilerini üýtgetme girizip biler.

7.2. Ulanyjy tarapyndan bron edilende kabul edilen şertlerine laýyklykda, töleg edilen Bronlanmagy ýatyrylanda (ýa-da Myhmanhana gelmedik ýa-da gijä galyp gelen halatynda) Internet arkaly tölenilen Internet Platformanyň tölenilen serwis ýygymlary Ulanyja gaýtarylyp berilmeýär.

7.3. Ulanyjy Myhmanhana girizilmeli wagtyna çenli Brony ýatyrmak arkaly, Bron etmeklikden özbaşdak boýun gaçyryp biler.

Brony ýatyrmak barada arza Ulanyjy tarapyndan Web-saýtda ýa-da Mibil goşundysynda Brone ýatyrmak boýunça hereketler amala aşyrylan pursatynda kabul edildi diýlip hasaplanylýar.

7.4. Ulanyjy tarapyndan Bron edilmegi ýatyrlanda ýa-da Myhmanhana gelmedik ýagdaýynda, Ulanyjy tarapyndan tölenilen serwis ýygymynyň möçberi yzyna gaýtarylyp berilmeýär.

7.5. Myhmanhana ýa-da Internet Platformasy tarapyndan Bron edilmegi ýatyrlanda, Ulanyjy tarapyndan Internet Platformasy arkaly tölenilen serwis ýygymy doly yzyna gaýtarylyp berilýär (diňe ilkibaşdaky tölegiň amala aşyrylmagy üçin bank ýygymlaryň we saklanylmalaryň möçberinden başga).

## 8. Jogapkärçilik. Jedelleri çözmek

8.1. Ulanyjy Bronlamakda görkezilen hemme şahslaryň bähbitlerine wekilçilik edýär we Internet Platformanyň we Myhmanhananyň öňünde olaryň maglumatlarynyň dogrukykygy, olar tarapyndan hemme borçnamalaryň, şol sanda Bronlamak üçin serwis töleginiň tölenilmegi üçin şahsy jogapkärçilik çekýär.

8.2. Ulanyjy Internet Platformanyň öňünde oňa maddy zyýanyny we onuň işewürlik abraýyna ýetirilen zyýanynyň ýetirilmegi bilen bagly borçnamalary üçin jogapkärçilik çekýär. Islendik nädogry ýa-da kezzapçylyk maksatly ýa-da alyp-satmak Bron edilmegi berk gadagan edilýär.

8.3. Internet Platforma we Myhmanhana Bronlanylanda beýan edilen göwrümde hyzmatlar Internet Platformanyň ýa-da Myhmanhananyň günäsi boýunça Ulanyja ýa-da Ulanyjynyň Myhmanlaryna edilmändigi üçin maddy ýa-da başga görnüşli zyýany üçin jogapkärçilik çekmeýärler.

8.4. Internet Platforma Ulanyjy ýa-da Ulanyjynyň Myhmanlary tarapyndan nädogry, ýeterlik däl ýa-da öz wagtynda berilmedik maglumatlary sebäpli Myhmanhana ýa-da üçünji şahslary tarapyndan edilmeli hyzmatlary ýerine ýetirilmedik ýa-da degerli görnüşde ýerine ýetirilmedik halatynda, şeýle hem Ulanyjy tarapyndan Şertnamanyň we/ýa-da Bron etmek Tertibiniň beýleki şertleriniň bozulmagy netijesinde jogapkärçilik çekmeýär.

8.5. Internet Platforma we Myhmanhana Ulanyjy Myhmanhana girmek wagtyna çenli Ulanyjy öz wagtynda gelmese ýa-da Myhmanhanadan ir çykmaly bolan ýagdaýynda Ulanyjynyň öňünde jogapkärçilik çekmeýär.

8.6. Internet Platforma Web-saýtynda we Mobil goşundysynda Myhmanhanalar tarapyndan berilýän maglumatlarynyň esasynda Myhmanhanalar we olaryň hyzmatlary barada maglumatlary çap edýär. Myhmanhanalar Internet Platformada öz maglumatlaryny (şol sanda otaglaryň bahalary we otaglaryň bardygy barada maglumatlary we ş.m) düzetmäge hukuklydyr we olaryň takyklygy we dogrudygy barada jogapkärçilik çekýärler. Internet Platforma hemme maglumatlaryň dogrulylygyny kepillendirmeýär, şeýle hem özüne berlen maglumatlaryň ýalňyşlary we takyk däldigi barada jogapkärçilik çekmeýär.

8.7. Internet Platforma Ulanyjynyň garaşylýan hyzmat edilişini laýyk gelmezligine we onuň subýektiw baha berilmegine jogapkärçilik çekmeýär.

8.8. Myhmanhanada bolan döwründe nägilelikler ýüze çykanda Ulanyjy hyzmat edilmeginiň kemçiliklerini düzetmek üçin Myhmanhananyň wekiline ýüz tutmaly. Taraplar düşünşmezlik soraglary boýunça ylalaşyga ýetmek üçin, şu Ofertanyň şertlerini göz öňünde tutmak bilen, gepleşikler arkaly jedelleri çözmäge çemeleşeller.

8.9. Şu Ofertada hemme göz öňünde tutulmadyk beýleki soraglary boýunça Taraplar Türkmenistanyň hereket edýän kanunçlygy bilen gollanarlar.

## 9. Gizlinligi berjaý etmek

9.1. Ulanyjy Internet Platformada habasa alnanda, resmileşdirilende we Bron etmekligi tölände ol tarapyndan berlen maglumatlarynyň gizlinligi kepillendirýär. Bu maglumatlar Bron etmekligi işlemek we bronlamak amalyny tamamlamak üçin zerur bolup durýar.

Şu Ofertanyň aksept edilmegi bilen Ulanyjy Müşderleriň şahsy maglumatlaryny peýdalanmak şertlerine laýyklykda Ulanyjydan (Goşundy №2) alnan ähli şahsy maglumatlaryň Internet Platforma we Myhmanhana tarapyndan işlenilmegine ýazmaça görnüşde berilen razyçylygyna deň bolup durýar.

Ulanyjynyň razyçylygy yzyna çagyrylýança hereket edýär we erkin görnüşde beýan edilen yzyna alynmagy barada ýazmaça habarnamanyň Internet Platforma ibermek arkaly, Internet Platforma tarapyndan bozulmalar bolan halatynda yzyna alnyp bilner.

Internet Platforma şahsy maglumatlary saklamaga, Ulanyjy we onuň maşgala agzalary bilen habarlaşmak üçin aragatnaşygy saklamak üçin ulanmaga, resminamalary düzmäge, şahsy maglumatlary Myhmanhana we töleg ulgamlaryna hem-de ygtyýarlandyrylan edaralaryna bermäge, şeýle hem hyzmatlary etmek üçin beýleki maksatlar üçin şahsy maglumatlary ulanmaga hukuklydyr. Internet Platforma, Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan göz öňünde tutulan ýagdaýlarynda başga halatlarda Ulanyjynyň razyçylygy bolmasyz (Myhmanhanadan başga) üçünji şahslara maglumatlary bermez.

9.2. Ulanyjy öz hasaba alyjy ady (loginy) we paroly, şeýle hem şol at (login) we parol bilen edilen hereketleriniň gizlinligi üçin jogapkärçilik çekýär. Internet Platforma üçünji şahslary tarapyndan birugsat Ulanyjynyň deňeşdiriji maglumatlaryny ulanandygy üçin jogapkärçilik çekmeýär we ýitgileriň öwezini dolmaýar.

## 10. Öňüni alyp bolmaýan güýjiň ýagdaýlary

10.1. Taraplar şu Şertnama boýunça öz borçlaryny doly ýa-da bölekleýin ýerine ýetirmändikleri üçin jogapkärçilikden boşadylýar, eger-de bu ýerine ýetirilmezlik öňüni alyp bolmaýan, ýagny adatdan daşary we yzyna gaýtarylyp bilinmejek ýagdaýlaryň netijesi bolup dursa.

10.2. Öňüni alyp bolmaýan ýagdaýlara degişli, ýöne çäklenmän: adatdan daşary ýagdaýlar, hökümetiň döwlet edaralarynyň hereketleri we çözgütleri, telekommunikasiýa we energetiki ulgamlarynda ýüze çykýan bökdençlikler, zyýan beriji programmalaryň täsiri, şeýle hem üçünji şahslaryň her Tarapa gönükdirilen rugsat berilmedik hereketleri we/ýa-da programma we/ýa-da enjamlar toplumynyň hatardan çykarylmagyna gönükdirilen ýaramsyz hereketleri.

## 11. Şertnamany üýtgetmek we ýatyrmak

11.1. Bron etmek hyzmatlary boýunça Şertnama Ulanyjy tarapyndan şu Oferta aksept edilen pursatynda baglaşylan diýlip hasaplanylýar we şu Şertnama boýunça Taraplar öz ähli borçlaryny doly ýerine ýetirýänçä hereket edýär.

11.2. Internet Platforma Bron etmek hyzmatlary boýunça şertnamany kazyýet tertibinden daşary bir taraplaýyn ýerine ýetirmekden ýüz döndürmäge hukuklydyr.

11.3. Internet Platforma Ulanyjyny öňünden habar berilmesiz şu Ofertanyň we onuň Goşundylaryň şertlerini üýtgetmäge, şu Oferta täze Goşundylary girizmäge hukuklydyr. Ulanyjy bular ýaly üýtgedilmeleriň bolup biljegini bilip, olaryň bolmagy bilen ylalaşýar. Eger-de bular ýaly üýtgedilmeleri bolandan soňra Ulanyjy Internet Platformany peýdalanmagyny dowam edýän bolsa, onda ol onuň bilen razylaşýandygyny aňladýar.

**Bronlamak hyzmatlaryny etmek üçin**
**OFERTA ŞERTNAMASYNA**
**GOŞUNDY №1**

## BRON ETMEKLIGIŇ TERTIBI

### 1. Umumy düzgünleri

Bron etmeklik Internet platforma arkaly bronlama saýlap alynmagynyň we tölenmeginiň esasynda amala aşyrylýar.

Saýlap almak we bronlamak bir näçe targyrda ýerine ýetirilýär:

1) Bellenilen maglumatlar boýunça teklipleri(myhmanhanalary) gözlemek;
2) Degişli teklibi saýlap almak;
3) Bron etmekligiň görkezijilerini barlamak we myhmanlar barada maglumatlary girizmek (birinji saýlap alynan şahsa bronlama resminama resmileşdirilyär);
4) Barlamak we Bron etmekligiň ahyrky tassyklanylmagy;
5) Internet platformanyň serwis ýygymlaryny tölemek;
6) Bron edilendigi barada tassyklaýjy resminamany almak.

### 2. Bron etmekligiň tertibi

#### 2.1. Bellenilen ölçegler boýunça teklipleri gözlemek.

Internet Platformada gözleg amaly, gözleg blogynda görkezilen görkezijilerine laýyklykda amala aşyrylýar:

- «Nirä girmeli» – Myhmanhananyň gözleg çägini özbaşdak saýlamaly
- «Giriş senesi we Çykyş senesi» – senenama arkaly saýlanylyp alynýar
- «Adam sany» – Uly adamlaryň sany (bir otagda 16 ýaşdan uly şahslaryň sany görkezileýär)

Gözlegiň netijesi – teklip edilýän Myhmanhanalaryň sanawy bolup durýar. Gözlegiň netijelerini anyklamak üçin şu ölçegli goşmaça filtrini ulanyp bolar, bar bolan halatynda.

#### 2.2. Degişli teklibi saýlap almak.

Teklip edilýän Myhmanhanalar we ýerleşdirme görnüşleri barada jikme-jik maglumatlaryny gözleg görnüşinde sargyt edip, alyp bolar.

Myhmanhananyň ýa-da otagyň jikme-jik beýany bilen şol Myhmanhananyň suratynyň ýa-da ýanyndaky ýazgysynyň üstüne basmak arkaly tanyşyp bolar.

Myhmanhananyň, edilýän hyzmatlaryň we Bron etmekligi ýatyrmaklygyň şertleri bilen üns berip tanyşyň.

Tekliplerde saýlanylyp alnan otagda gije sany we beýleki tölegleri (Myhmanhana gelnende aýratyn tölenilýär), şeýle hem Myhmanhananyň serwis ýygymynyň tölegleri görkezilýär.

Otaglaryň gerek sanyny saýlap almak we otagyň elýeterligini bellemek üçin şu bellikler ulanylýar “+” we “-“.

Öz talaplaryňyza laýyk gelýän ýerleşdirilme görnüşini saýlap alyň, görnüşiň beýleki öýjüklerini dogry edip dolduryň we “Dowam etmek” basyň.

### 2.3. Bron etmekligiň görkezijilerini barlamak we habarlaşmak üçin şahsyň maglumatlaryny girizmek

Maglumatlary doldurmaklygyň dogrudygyny üns berip barlaň we bron etmekligi ýatyrmak şerti bilen tanyş boluň.

Üns beriň! Internet Platforma arkaly Bron etmekligi resmileşdirlende Siz bron etmek boýunça hyzmatlaryň edilmegine şertnamany baglaşmaklygyň ofertasy bilen ylalaşýaňyz. Bron etmekligi dowam etdirmek Oferta şertnamasynyň hemme şertleri bilen razylaşýandyňyzy aňladýar.

Maglumatlar girizilende teklip edilen öýjüklerini üns berip dolduryň. Familiýany, atlary we beýleki maglumatlar (pasportda ýa-da başga resminamada ýazylşy ýaly) girizilende doly, gysgaldylmasyz görkeziň.

Üns beriň! Habarlaşmak üçin maglumatlar işjeň we anyk bolmaly, sebäbi sargyt edilen hyzmatlaryna degişli bolan soraglar boýunça operatiw aragatnaşygy üçin hökmany bolup durýar. Berilýän maglumatlaryň gizlinligi Oferta şertnamasynyň 9-njy bölümine laýyklykda kepillendirilýär.

2.4. Töleg usuly. Bron etmekligi tölemek üçin Siz, eger-de saýlap almak üçin mümkinçilik bolsa, teklip edilen usullaryň birisini saýlap almaly:

- bank kartlaryny ulanmak arkaly töleg
- nagt görnüşinde töleg.

2.5. Ulanyjy tarapyndan barlamak we ahyrky tassyklanylmagy.

Maglumatlaryň doldurylmagynyň dogrulylygy üns berip barlaň we bron etmekligi ýatyrmakklygyň şertleri bilen ýene-de bir gezek tanyşyň.

Bron etmekligiň resmileşdirulmegini tamamlamak üçin “Tölemek” basyň.

2.6. Bron etmekligiň tassyknamasyny almak.

Bron edilendiginiň tassyklanylmasy Siziň görkezen elektron salgyňyza iberiler ýa-da «Profil->Bronlamak» bölüminde almak üçinelýeter bolar.

## 3. Bron etmekligi üýtgetmek ýa-da ýatyrmak

Töleg usulyny saýlap almazdan öň (şu Bronlamak Tertibiniň 2.4 bendi) Siz şu görkezijileriň üýtgedilmegini edip bilersiňiz: otaglaryň görnüşi we sany, Ulanyjynyň habarlaşmak üçin maglumatlary.

Eger-de Bronlamak doly resmileşdirilen bolsa (şu Bronlamak Tertibiniň 2.5 bendi) ýa-da tölenilen bolsa, onda Bronlamaklyga hiç-hili üýtgedilmeleri girizip bolmaýar.

Bron etmekligiň ýatyrylmagyny Siziň «Profil->Bronlamak-Bron edildi» bölüminde edip bilersiňiz. Üns beriň! Bronlamaklygy ýatyrmazdan öň brony ýatyrmaklygyň şertlerini barlaň (şu Bronlamak Tertibiniň 3.1 bendi

### 3.1. Pul serişdeleriniň gaýtarylyp berilmegi

Ulanyjy tarapyndan Bron etmekligiň hyzmatlary ýatyrylan ýagdaýynda Bron etmek üçin serwis hyzmatynyň pul serişdeleriniň yzyna gaýtarylmagy amala aşyrylmaýar.

Bron etmeklik Myhmanhana ýa-da Internet Platformasy tarapyndan ýatyrylan halatynda, nagt däl görnüşinde tölenilen pul serişdeleri, ýüklenilen hyzmatlardan soňra Internet Platforma girizilen bank kartynyň maglumatlary edilen bank kartyna (hasabyna) yzyna gaýtarylyp berilýär.

Internet Platforma Myhmanhana/Internet Platforma tarapyndan Bronlamaklygy ýatyrylandygy barada habarnamany alandan soňra 30 iş günüň dowamynda pul serişdelerini yzyna gaýtaryp berýär. Yzyna gaýtarma amalyň we hakykatda müşderiniň hasabyna pul serişdeleriň geçirilmeginiň arasyndaky wagt bank amallaryna bagly bolup durýar.

Üns beriň! Yzyna gaýtarylmaga degişli bolan möçberinden geçirilmeler üçin bank ýygymlary saklanylyp alynýar.

## 4. Myhmanhana girmek üçin gerekli resminamalar

Myhmanhana girmek üçin gerekli resminama – Türkmenistanyň raýatynyň pasporty ýa-da Myhmanhana tarapyndan kesgitlenilen başga resminama bolup durýar.

Myhmanhana girizilende goşmaça resminamalar toplumyny talap edip biler, şonuň üçin Myhmanhananyň beýanynda ýerleşmak üçin talaplary bilen üns berip tanyşyň.

**Bronlamak hyzmatlaryny etmek üçin**
**OFERTA ŞERTNAMASYNA**
**GOŞUNDY №2**

## MÜŞDERLERIŇ ŞAHSY MAGLUMATLARYNY PEÝDALANMAKLYGYŇ ŞERTLERI

Men, Oferda Şertnamada görkezilen Ulanyjy, aksept arkaly şu Bron etmek hyzmatlary boýunça şertnamanyň şertlerini kabul edip, öz razyçylygymy berýärin: Şertnamada **Internet Platforma** diýlip atlandyrylýan **«Oteller» Internet Platformasynda**:

- awtomatizirlenilen, şeýle hem awtomatizasiýa serişdelerini ulanylmasyz meniň şahsy maglumatlarymyň, hyzmatlar şertnamasyna girýän, hyzmatlary etmek üçin zerury bolan anyk göwrümde talap edilýän maglumatlaryň işlenilmegine, ýagny: familýam, adym; doglan ýylym, pasport maglumatlary (tapgyry, belgisi, berlen senesi, beren edaranyň ady), mobil telefonyň belgisi, raýatlylygym, ýaşaýan ýerimiz salgysy (pasport boýunça we hakyky), hususy öýjükli telefonyň belgisi, elektron salgym we beýleki zerury maglumatlar;

- meniň şahsy maglumatlarymyň üçünji şahslara ýazmaça ýa-da elektron görnüşinde, degişli şertnamalary, Internet Platformanyň tertipleri we Türkmenistanyň kanunçylygy bilen göz öňünde tutulan ýagdaýlarda we tertipde geçirilmegini - Internet Platforma bilen Şertnama laýyklykda Myhmanhanalarda otaglaryň bron edilmegini, hyzmatlaryň edilmegini amala aşyrýan edaralara - ýuridiki we fiziki şahslara; bank kartlardan pul serişdeleriň geçirilmegini amala aşyrýan we maliýe borçnamalary bilen bagly bolan edaralara – karz edaralary (banklar), gözegçilik we beýleki döwlet edaralary; şeýle hem gönümel hyzmatlary edýän beýleki üçünji şahslara. Myhmanhanany bronlamak, şu Şertnama boýunça hyzmatlary etmek bilen bagly bolan beýleki hakyky hereketleri amala aşyrmak üçin hemme ýokarda sanalyp geçilen maglumatlary peýdalanmaga rugsat berýärin.

Şunuň bilen, şeýle hem hemme aragatnaşyk serişdelerini ulanamak bilen göni aragatnaşygy amala aşyrmak arkaly, şol sanda, ýöne çäklenmän; poçta-iberilmeleri, SMS-iberilmeleri, ses iberilmeleri, elektron hatlaryň iberilmegi arkaly **Internet Platformanyň** harytlaryny we hyzmatlaryny öňe sürmek bilen bagly mahabat maglumatlaryny **Internet Platformadan** almaga öz razyçylygymy berýärin

Internet Platformanyň Web-saýtynda we Mobil goşundysynda bron edip we hyzmatlary töläp, men ýokarda aýdylyp geçilen şertlerinde öz şahsy maglumatlarymyň peýdalanmagyna hut ýazmaça görnüşine deň bolan öz razyçylygymy berýärin.